# Adamlar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Adamlar… ADAMLAR…

Gep tapar öz eýesini hemişe,
Kitap okap,
magny saçan adamlar…
Pygamberi satyp otuz kümüşe
Ogrynyň ýoluny seçen adamlar.
Gäwürleň amalyn boýnuna dakyp,
Mährapda bihaýa syçan adamlar.
Nebsiniň oduna imanyn ýakyp,
Ýel kimin ýüwürip geçen adamlar.
Pelek hezil bermez hemmä gyradeň
Kä ýylpyldap,
käte öçen, adamlar.
Şa bilen gedaýa deňdir Ýaradan
Bilýändir, bakyýa uçan adamlar…
Bäş manatlyk bähbit üçin syrtyny
Ommalyp şeýtana açan adamlar.
Undup Resulallaň goýan şertini
Deçjalyň toruna gaçan adamlar.
Mahrum edip öz-özüni Köwserden
Iblisiň siýdigin içen adamlar.
Bihabar däl,
gapyl däl sen bu syrdan
Her işiň soňuny biçen adamlar.
Howaýy şan-şöhrat üçin el serip,
Namysyn ýuwdanlar kürsi dilenip,
Iň soňunda biýz kepene çolanyp,
Gara ýeriň goýnun guçan adamlar,
Ah, adamlar, adamlar…

Has TÜRKMEN. Goşgular